# «Üç gyzlyñ halyny günde üç gezek sorañ»

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Üç gyzlyñ halyny günde üç gezek sorañ" «ÜÇ GYZLYÑ HALYNY GÜNDE ÜÇ GEZEK SORAÑ»

«Üç gyzlyñ halyny günde üç gezek sorañ». Ata-babalarmyzyñ bu sözüne üç gyzy dünýä indiren wagtlarym kän pitiwa etmezdim. Ýöne, bu aýdylan söze çagalañ ýetişdigisaýy üns berýän ekeniñ hem onun çuñ manysyna akyl ýetirýän ekeniñ. Enem pahyr hemişe: «Eý Allam, daşym doly gyz,özüñ abraý bereweri»-diýip, uly sesi bilen zarlap dileg eder oturardy. Özüm uly gyz wagtlarym enemiñ bu sözlerine gatyrganjak bolardym. Hemem eneme: «Ene, hemişe şeýdip oturar ýaly näme bar. Seni biabraý etjek bolup ýören barmy.»-diýerdim. Ol wagtlar bu sözi ynam bilen aýdyp bolýardy. Ýagny, özüñe özüñ jogap bermek juda añsatdy. Sebäbi özüme öz göwnüm ýetýärdi. Ol günler edil düýn ýalydy. Emma, çarhypelek eýýäm enemjanyñ şol dileglerini alyp biziñ dilimize salypdyr.
Adamlara gulak assañ derrew döwürden,döwrüñ juda erbetliginden zeýrenip başlar. Ýöne döwrüñ özümiz bilen döwürdigi hemmä aýdyñ zat. Men gowusy «Mus-mus»
diýmän» Mustapa» geçeýin. Men gyzjagazlañ hemme meselesi barada gürrüñ edip oturman ýekeje zat barada gürrüñ edesim gelýãr. Soñky döwür başga ýerlerde-hä bilemok welin biz tarapda ýetginjekleñ arasynda ýoñ bolan nysak bar. Ýagny 23-nji fewralda gyzlar hökman oglan synpdaşlarny sowgat bermelimiş. Soñra oglanlar hem ýagdaýy bolsa-bolmasa 8-nji martda sowgat beren gyzlary gutlamaly. Gyz maşgala bolup ilki oglana sowgat bermek bu gyzlyk mertebesiniñ birinji yrgyldysy dälmi eýsem. Men muny öz çagalaryma düşündirip bilýän. Ulyja gyzym dogumlyja bolansoñ tutuş synpyna diýenini etdirip bu ýagdaýa ýol bermeýãr. Ikinji gyzym welin sowgat berlişik güni ýeke özi synplaryndan sogrulyp öýe gelýär. Üçinji gyzjagazym

hem «Eje, synpymyzda hemme gyzlar gowy görýän oglanlarna sowgat paýlaýa. Goşulmasañam üstüñden gülýãrler»- diýip ýüzüni sallaýar. Meñ welin bu ýagdaýlar hiç mañzyma batanok. Ene bolup gyzyn eline sowgat berip «Bar gyzym halaýan oglanyña beräý»- diýip oturmak namysyñ birinji basgançagny ýykyp başlamak dälmidir eýsem. «Eýsemleri» sanasam juda uzak bolar. Iñ gowysy säher bilen enemjanyñ edişi ýaly Alladan abraý diläýin. Allajan özüme, neslime, dowamatyma özüñ abraý bereweri!

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Pedagogika we edep-terbiýe